THE ASHGABAT TIMES

Täjigistan Respublikasynyň Oli Majilisiniň Namaýandogan Majilisiniň Başlygy Mahmadtoir Zokirzoda

Ozaly bilen, şu günki çäre  çagyrylandygymyz we uly myhmansöýerlik bilen kabul edilendigimiz üçin hoşallyk bildirýärin.

Şeýle hem türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan halkara forumyň   üstünlikli geçirilmegi bilen gutlaýaryn, Duşuşykda Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti hormatly Emomali Rahmonyň «Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen   sylaglanylmagy biziň üçin uly hormatdyr.

Biz bu duşuşygy wajyp hyzmatdaşlyk meselelerini  ara alyp maslahatlaşmak we olar boýunça  bilelikdäki  çözgütleri işläp taýýarlamak üçin amatly  mümkinçilik diýip hasaplaýarys.

«Merkezi Aziýa we Koreýa Respublikady  görnüşinde biziň  dialogymyzyň dowam etdirilmeginiň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygymyzyň geljegi uly ugurlaryny kesgitlemek boýunça  bilelikdäki tagallalarymyza we oňyn netijeler gazanmagymyza ýardam etjekdigine ynanýarys.

Şu nukdaýnazardan Merkezi Aziýa  bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda  ysnyşykly strategik  hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge özümiziň taýýardygymyzy tassyklaýarys.

Şu duşuşygyň çäginde  ykdysady hyzmatdaşlyk  meseleleri we Durnukly  ösüş maksatlaryna ýetmekde howanyň üýtgemeginiň netijelerini  gowşatmak boýunça  ýörite sessiýanyň guralandygy üçin türkmen tarapyna  hoşallyk bildirýäris.

Şu günki duşuşykda kabul edilýän kararlaryň  biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky parlamentara aragatnaşyklary  mundan beýläk-de ösdürmegiň ýolunda   ýene-de bir möhüm ädim  boljakdygyna ynanýarys.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024